# «Dymýan bolsam, sebäbi bar, elbetde…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Dymýan bolsam, sebäbi bar, elbetde…" «DYMÝAN BOLSAM, SEBÄBI BAR, ELBETDE…»

Dymýan bolsam, sebäbi bar, elbetde,
Doňupdyr duýgyma siňen kelamym.
Hyýalymda ýüzüm ýelpär ýelleriň,
Gulagymda ýaňy ýagýan jalanyň.

Saňa bagly ykbalyma buýsanyp,
Kän egipdim başym Tuguň öňünde.
Şol günleriň küýsegini duýsana,
Saňa bolan yşk gaýnaýa demimde.

Tarypyňy dil bilen däl, jan bile
Edýän göwün kapasada çyrpynýa.
Aksa, adyň tutjak gyzgyn gan bile,
Bu gün dolup-daşyp syganok dunýä.

Ýaýlalary ýaşyl begresli Watan
Buýsanjym, aýdymym, mydam gözlegim.
Ömrümiň manysy nirde bolsam-da,
Saňa bagly ülşi yzlar gözlerim.

Stambul, 2022 ý.

Zöhre ÖWEZOWA. Goşgular